Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda çykaran 11-Ö belgili

**B U Ý R U G Y**

**Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrmagyň Tertibini tassyklamak hakynda**

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11992-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hakyndaky Düzgünnamanyň 5-nji bölüminde we Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 404-nji maddasynda göz öňünde tutulan Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçilik işlerini geçirmegi tertipleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrmagyň Tertibini tassyklamaly.

2. Ministrligiň zähmet gatnaşyklary we zähmet şertleri müdirligi şu buýruk bilen tassyklanylan Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrmagyň Tertibini işde ulanmak üçin welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliklerine, etrap (şäher) we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümlerine ýetirilmegini üpjün etmeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi Ministriň orunbasary M.Sylapowa tabşyrmaly.

**Ministr** **S.Akmämmedow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty
durmuş taýdan goramak ministriniň
2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda
çykaran 11-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklandy

**Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrmagyň Tertibi**

1. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrmagyň Tertibi (mundan beýläk-Tertip) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 404-nji maddasynda göz öňünde tutulan Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçilik işlerini geçirmegi tertipleşdirmek maksady bilen hem-deTürkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11992-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hakyndaky Düzgünnamanyň 5-nji bölümine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

Şu Tertip, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň we onuň garamagyndaky ýerli edaralarynyň zähmet kanunylygynyň berjaý edilişine gözegçilik babatdaky işini düzgünleşdirýär.

2. Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi (mundan beýläk – döwlet zähmet gözegçiligi) iş berijiler tarapyndan zähmet işleri amala aşyrylanda Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygyny we zähmet hukuklarynyň kadalaryny özünde saklaýan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplarynyň (mundan beýläk-hökmany talaplar) ýerine ýetirilmegini, şol sanda zähmet hakyny doly we öz wagtynda tölenmegini, zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilmegini, şeýle hem zähmet gözegçiligini amala aşyrmagyň barşynda ýüze çykarylýan hukuk bozulmalaryň aradan aýrylmagyny, olaryň öňüni almaklygy, işgärleriň zähmet hukuklaryny goramak boýunça hökmany talaplary we hukuk bozulmalary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmek hakyndaky teklipleriň ýerine ýetirilmegini öz içine alýar.

3. Türkmenistanda zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini şu aşakdakylar amala aşyrýar:

Türkmenistanyň çäginde hereket edýän guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan ähli kärhanalarda (edaralarda, guramalarda), iş beriji - şahsy taraplarda, şeýle hem döwlet häkimiýet edaralarynda, şol sanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynda we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň, köpçülikleýin şertnamalaryň we ylalaşyklaryň berjaý edilişine gözegçilik edýän hem-de bu ugurda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýän döwlet dolandyryş edarasy - Türmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi (mundan beýläk - Ministlik);

uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly işleri amala aşyrýan iş berijilerde Ministrlik tarapyndan döwlet zähmet gözegçiligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bu serişdeleri dolandyrmak we peýdalanmak boýunça ygtyýarlandyrylan edara bilen ylalaşylyp geçirilýär;

kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalary, şeýle hem olaryň garamagynda durýan zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklar – şol gulluklar hakyndaky düzgünnamalara laýyklykda;

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;

ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary - özleriniň garamagyndaky kärhanalar barada olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde.

4. Döwlet zähmet gözegçiligini Türkmenistanyň Zähmet kodeksine we şu Tertibe laýyklykda Ministrligiň we onuň garamagyndaky welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirlikleriniň we etrap, şäher zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümleriniň (mundan beýläk – Ministrligiň ýerli edaralary) ýolbaşçylary we hünärmenleri tarapyndan amala aşyrylýar.

5. Ministrligiň ýerli edaralary tarapyndan döwlet zähmet gözegçilik işleri netijesinde iş berijilerde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň talaplarynyň bozulmalary ýüze çykarylan ýagdaýynda administratiw hukuk bozulmalary barada işlere Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksi bilen kesgitlenen düzgünlere laýyklykda seredilýär.

6. Işiň aýry-aýry ugurlarynda zähmet şertlerine hökmany talaplaryň berjaý edilişine gözegçiligi beýleki ygtyýarly döwlet edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň wekilleri bilen özara hyzmatdaşlykda amala aşyrylyp bilner. Özara hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda guralýar.

7. Ministrlik we onuň ýerli edaralary tarapyndan döwlet zähmet gözegçilik işleri her ýyl üçin kabul edilýän meýilnamalara laýyklykda geçirilýär. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda meýilnamadan daşary barlaglar ýörite tabşyryknama esasynda geçirilip bilner.

Barlagyň netijesinde ýüze çykarylan hukuk bozulmalar ýüze çykarylan bolsa, onda administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky teswirnama düzülýär. Işe sereden ygtyýarly edara ýol berlen administratiw hukuk bozulmalary aradan aýyrmak hakynda teklipnamany, ýerine ýetirmegiň möhletlerini görkezmek bilen, iş berijä iberýär. Iş beriji teklipnamanyň gelip gowşan gününden bir aýyň dowamynda teklipnamany çykaran edara görlen çäreler barada habar bermelidir.

8. Meýilnamalaşdyrylan we meýilnamadan daşary barlaglar resmi barlaglar bolmak bilen, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde bellenen aýratynlyklary nazara almak bilen, şeýle barlaglary geçirmek maksatlaýyn taýýarlanan iş meýilnamasyna laýyklykda geçirilýär.

9. Zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlaglary her üç ýyldan bir gezekden az bolmadyk möhletde geçirilýär.

10. Meýilnamadan daşary barlaglary geçirmäge şular esas bolup bilýär:

a) geçirilen barlagyň netijesinde ýüze çykarylan hukuk bozulmalary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmek hakyndaky iş berijä berlen teklipnamadaky möhletiň dolmagy;

b) Ministrlige şu resminamalaryň gelip gowuşmagy:

iş berijiler tarapyndan hökmany talaplaryň bozulmagy netijesinde işgärleriň ömrüne we saglygyna howp döredip biljek ýagdaýlar hakyndaky raýatlaryň ýüztutmalary we arzalary, şol sanda hususy telekeçileriň, ýuridiki şahslaryň, döwlet dolandyryş edaralarynyň, Ministrligiň ýerlerdäki edaralarynyň wezipeli adamlarynyň, zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyna beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habar bermegi;

ç) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tabşyrygy, Türkmenistanyň prokuratura edaralary tarapyndan zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişi babatynda tabşyryknamasy;

d) Ministrligiň meýilnamadan daşary barlaglary geçirmek hakyndaky buýrugy;

e) iş berijileriň iş orunlarynda garaşylmaýan we (ýa-da) adatdan daşary ýagdaýyň emele gelmegi.

11. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlaryň, harby we içeri işler edaralarynda zähmet gatnaşyklary babatynda döwlet zähmet gözegçilik işleri harby gullugyň aýratynlyklaryny we aşakdaky aýratynlyklary hasaba almak bilen geçirilýär:

a) meýilnamalaşdyrylan we meýilnamalardan daşary barlaglar iş ýerinde geçirilýär;

b) döwlet zähmet gözegçiligi iş beriji edara bilen ylalaşylýan tertipde amala aşyrylýar;

ç) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlaryň, harby we içeri işler edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan meýilleşdirilen çäreleriň geçirilýän döwründe, terrorçylyga garşy göreş amala aşyrylanda, tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlar bilen bagly çäreler geçirilende barlaglary geçirmegiň möhleti üýtgedilip bilner.

12. Döwlet zähmet gözegçiligini geçirmegiň möhletini, barlanylýan döwrüni, barlagçylaryň sanyny, barlagyň anyk wezipelerini we barlanylýan iş berijileriň aýratynlyklaryny nazara almak bilen, Ministrligiň ýa-da ministrligiň ýerli edaralarynyň ýolbaşçysy öz buýrugy bilen belleýär. Buýrukda geçirilýän barlagyň başlanýan we tamamlanýan wagty anyk görkezilmelidir. Çylşyrymly barlaglary, synaglary, ýörite seljermeleri geçirmek ýüze çykan halatynda barlagy geçirmegiň möhleti Ministrligiň ýa-da Ministrligiň ýerli edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan uzaldylyp bilner. Döwlet zähmet gözegçilik tertibinde geçirilmeli barlaglary diňe buýrukda görkezilen wezipeli adamlar tarapyndan ýerine ýetirilip bilner.

Kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerinde, aýry-aýry şahsy taraplarda baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde işlenýän ýagdaýynda barlaglar «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň we Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda geçirilýär.

Döwlet zähmet gözegçiligi amala aşyrylýan wagtynda önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary derňemegiň möhletleri we tertibi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

13. Döwlet zähmet gözegçiligini amala aşyrýan hünärmenleriň aşakdakylara hukuklary bardyr:

a) bellenen nusgadaky şahsyýetnamasy we şu Tertibiň 8-10-njy bölümlerinde görkezilen esaslar bolan ýagdaýynda barlamak maksady bilen günüň islendik iş wagtynda iş berijä päsgelçiliksiz barmaga;

b) gözegçiligi we barlag işlerini geçirmek üçin zerur bolan resminamalary, düşündirişleri, maglumatlary iş berijilerden we olaryň wekillerinden, Türkmenistanyň ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralaryndan we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan talap edip almaga;

ç) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde iş berijide ulanylýan ýa-da işlenilýän materiallaryň we maddalaryň nusgalaryny iş berijä ýa-da onuň wekiline habar bermek bilen, öwrenmek üçin almaga, bu barada degişli delilnama düzmäge ýa-da administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnamada bellemäge;

g) önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary bellenen tertipde derňemäge gatnaşmaga;

d) iş berijilere we olaryň wekillerine zähmet babatynda hökmany talaplaryň bozulmalaryny aradan aýyrmak, işgärleriň zähmet hukuklaryny dikeltmek hakynda teklipleri bermäge;

e) işleri ýerine ýetirmegiň howpsuz usullaryny we çärelerini öwrenmekligi, zähmeti goramak boýunça gözükdirijini, iş ýerlerinde tälim we zähmeti goramagyň talaplary hakynda bilimleriniň barlagyny bellenilen tertipde geçmedik wezipeli adamlaryň eýeleýän wezipesinden boşadylmagy hakynda iş berijilere teklip bermäge;

j) zähmet işini amala aşyrýan döwründe Türkmenistanyň kanunçylygynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we tehniki kadalaşdyryjy resminamalarynda bellenen hökmany talaplara laýyk gelmeýän hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň ulanmaklygyny gadagan etmäge;

z) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde administratiw hukuk bozulmalar hakyndaky teswirnama düzmäge, olara ýol berenleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda administratiw jogapkärçilige çekmek hakyndaky resminamalary taýýarlamaga we degişliligi boýunça Ministrligiň ýa-da onuň ýerli edaralarynyň ýolbaşçylaryna bermäge;

i) zähmet ulgamynda hökmany talaplaryň bozulmagy hakyndaky, önümçilikde işgärleriň saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky hak islegleri boýunça kazyýetde bilermen hökmünde çykyş etmäge.

14. Döwlet zähmet gözegçiligini amala aşyrýan hünärmen barlagyň netijeleri boyunça teswirnama düzýär. Teswirnama iki nusgada düzülýär we onda:

döwlet zähmet gözegçiligini amala aşyrýan ygtyýarly edaranyň ady, teswirnamanyň düzülen güni, aýy, ýyly we ýeri;

döwlet zähmet gözegçiligi tertibinde barlagy geçirmek hakynda buýrugyň çykarylan wagty we belligi;

barlagy geçirýän wezipeli adamyň ady, familiýasy, atasynyň ady we wezipesi;

geçirilen barlagyň netijesinde ýüze çykarylan hukuk bozulmalar, olaryň häsiýeti hem-de olary aradan aýyrmak boýunça iş beriji tarapyndan ýerine ýetirilmeli çäreleriň anyk möhletleri;

döwlet zähmet gözegçiligi tertibinde geçirilen barlagyň netijeleri boyunça teswirnama edaranyň wezipeli adamsyna gol çekdirilip mälim edilendigi ýa-da onuň teswirnama bilen tanyşmakdan, oňa gol çekmekden ýüz öwürýändigi barada ýazgy hökman bellenilmelidir.

Döwlet zähmet gözegçiligi tertibinde geçirilen barlagyň netijeleri, barlagy geçiren hünärmeniň öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykanlygy we esassyz idinleri ulanandygy babatynda iş berijiler nägileliklerini Ministrlige arz ýa-da kazyýete şikaýat edip bilerler.

Ministrligiň ýolbaşçysy barlagy guramagyň we geçirmegiň düzgünleriniň bozulyp geçirilendigi ýüze çykarylan ýagdaýynda, onuň bilen baglanyşykly resminamalaryň güýjüni ýatyrýar.

15. Döwlet zähmet gözegçiligini amala aşyrýan hünärmenler kanuna garşy hereketleri ýa-da hereketsizligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2017-nji ýylyň 21-nji fewralynda bellige alyndy.
Bellige alyş sany 1047.